# Ilçi garynja: “Aslyň adamdygy üçin…”

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ilçi garynja: “Aslyň adamdygy üçin…” ILÇI GARYNJA: «ASLYÑ ADAMDYGY ÜÇIN…»



Süleýman pygamber bir ýörişe gidende, garynjalaryň iýmit çöpleýän meýdanynyň üstünden geçmeli bolupdyr. Süleýman pygamber şunça ätiýaçly bolsa-da, onuň atlylarynyň aýakastyna 7-8 garynja düşüp pida bolupdyr. Süleýman pygamber garynjalaryň patyşasy bilen gepleşik geçirip, her pida bolan garynja 5 put (bir put, 16,4 kg) däne berip, olaryň hununy töläpdir hem garynjalar bilen razylaşypdyr.
Garynjalar bilen razylaşykdan birnäçe wagtdan soňra, Ýaradandan Süleýman pygambere ýene söweşe atlanmak emri gelipdir. Bu gezekki ýörişde geçen sapardaky goýberilen ýalňyşlaryň gaýtalanmazlygy üçin, Süleýman pygamber uly alada edipdir hem garynjalaryň biriniňem pida bolmazlygy üçin, olaryň hininiň we iým çöpleýän ýeriniň bir menzil daşyndan aýlanyp geçmegi goşunyna buýruk beripdir. Gatynjalaryň patyjasy Süleýman pygamberiň ýene söweşe sary atlanandygyny eşidip, özüniň iň halypa ilçisini berk talap bilen onuň üstüne iberipdir. Süleýman garynjalaryň pida bolmazlygy üçin hemme

çäreleri görüp, münuňam üstesine, olaryň bir menzil (bir menzil -6,3 km möçberindäki uzynlyk) daşyndan aýlanyp geçýändigi sebäpli gelýän ilçi garynjalary görse-de, olar özi bilen gepleşmäge gelýändir diýip pikirem etmändir. Şonuň üçin Süleýman pygamber goşunyna çalt ýöremegi buýransoň, ilçi garynjalar Süleýman pygamberden has yza galypdyr. Emma Taňry Süleýman pygambere bu garynjalaryň arzyny diňlemegi emr edipdir. Şol sebäpli Süleýman pygamber ilçi garynjalar bilen ýüzbe-ýüz bolynça yzyna öwrülip ýöräpdir. Süleýman pygamber hal-ahwal soraşandan soňra, ilçi patyşasynyň berk talabyny aýdypdyr: “Hormatly Süleýman pygamber, ýene siz söweşe sary atlanypsyňyz. Eger bu gezek bir garynjamy öldüräýseňiz, hun tölegi 10 esse artar. Munuň bilenem razy bolman, Kyýamatda siziň ýakaňyz, meniň elim bolar”. Süleýman pygamberiň garynjalaryň patyşasynyň ilçi garynjadan eden bu sargydyna bir bada gaharlanjak ýalam edipdir, emma ol derhal pygamber paýhasy bilen özüniň gaharyny basyp, sypaýçylyk bilen ilçi garynja ýüzlenipdir: “Hormatly ilçi, garynjalaryň patyşasyna meniň salamymy ýetirewериň. Men geçen gezekki eden uly hatamdan sapak alyp, siziň hiniňiziň, iým meýdanyňyzyň bir menzil daşyndan aýlanmagy karar etdim. Men säwlikde uly hata edip, siz bilen Taňryny şaýat tutunyp ylalaşdym. Men Allanyň pygamberi, şol sebäpli ol hatamy ikinji gezek goýbermen, maňa ynanmagyňyzy haýyş edýärin” .
Süleýman pygamberiň bu haýyşyny eşiden ilçi garynja sowukganlyk bilen oňa şeýle diýipdir: “Süleýman, siziň Allanyň pygamberdigiňize şaýatdyrys. Bize zyýan ýetirmejekdigiňize hem umydymyz uly. Emma aslyň (materialyň) adamdygy üçin, doly ynam etmekden saklanyp, size garynjalaryň howpsuzlyk meselesini ýene bir sapar ýatladaýaly diýdik. Bizden-garynjalardan öýke-kine etmäweriň” . Halypa ilçi garynja Süleýman pygamberiň garynjalaryň howpsuzlygy üçin gören çärelerini gözi bilen görüp, gulagy bilen eşidensoň, Süleýman pygamberden razy bolup, patyşasynyň tabşyrygyny birkemsiz ýerine ýetirip, yzyna dolanypdyr.
Yslam taglymatynda Süleýman ynsyň-jynsyň diline düşünýän pygamber hasaplanýar. Bu rowaýatyň manysy. Süleýman pygamber bolsa-da, ynsy-jynsy ynjytmaga haky ýok. Asla onuň ynsyň-jynsyň diline düşünýändigi hem pygambere haýwana-ynsana ýagşylyk etmek üçin berlen mertebedir. Süleýman garynjalaryň howpsuzlygyny kepillendirenden soňra, ilçi garynjalar özüne

gelýändir diýip pikirem etmändir. Emma Süleýmana garynjalaryň arzyny diňläp, olara jogap bermek emri Alladan gelipdir. Ynha, bu ybrat alynmaly sapakdyr. Beýik akyldarymyz Magtymguly Pyragy hem bu rowaýatyň manysyny “Gul bolgul” şygrynda ussatlyk bilen beýan edipdir:

Süleýman sen, mura bir gulak goýgul,
Sözüni diňlegil, jogabyn aýgyl,
Häkim bolsaň, halky Gün kibi çoýgul,
Akarda suw, ýa öserde ýel bolgul.

Umuman, ynsyň-jynsyň hökümdary bolan Süleýman pygamber hem garynjalar hakyndaky bu rowaýat adamzadyň nähili beýik mertebä eýe bolsa-da, ynsanyň pespäl bolmagyny ündeýär. Şonuň üçinem bu rowaýat dürli halklaryň arasynda, birnäçe dilde müňlerçe ýyl bäri gadyr-gymmatyny ýitirmän ýaşap gelýär. Halk döredijiligi we rowaýatlar